**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 12-nji noýabryndaky**
**№ 123 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1–suw geçırıjı (gysga) "Suw geçirijiniň (aýratyn suw geçiriji ulgamynyň) işleýşi barada hasabat" (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№1-suw geçiriji (gysga) çärýeklik statistik formasy suw geçirijiniň (aýratyn suw geçiriji ulgamyň) işleýşi barada hasabat häkimlikleriň, ähli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, daýhan birleşikleriniň balansynda durýan ilata, jemagat-durmuş, önümçilik zerurlyklary üçin suw goýberýän suw geçiriji we suw-lagym geçiriji ulgamynyň kärhanalary (edaralary) tarapyndan düzülýär. Hasabat her hasabat çärýekde hasabat döwründen soň aýyň 20-ne çenli ýylyň başyndan artýan jem bilen ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna we özünden ýokarda duran guramasyna tabşyrylýar.

Bu hasabat formasy suw geçirijiniň (aýratyn suw geçiriji ulgamyň) işleýşi barada ýyllyk statistik hasabatynyň gysgaça formasydyr. Ýyllyk statistik formasynyň esasy usullarynyň we hasaplamalarynyň görnüşleriniň düşündirişleriniň, adalgalaryň ähli kesgitlemeleri onuň gysgaça formasyna hem degişlidir.

Edaranyň (kärhananyň) diňe önümçilik zerurluklary üçin suw goýberýän we ilat üçin, býujetden maliýeşdirilýän edaralary üçin ýa-da gaýry suw geçirijilere (aýratyn suw geçiriji ulgamlara) suw goýbermeýän suw geçirijiler (aýratyn suw geçiriji ulgamlar) ilata we (ýa-da) býujetden maliýeşdirilýän edaralaryna suw goýberýändigi üçin bu forma boýunça hasabat taýýarlamaýarlar.

Eger ilatly ýerde iki ýa-da ondan köp suw geçirijiler bir kärhana (edara) birleşdirilen bolsa, onda olaryň dolandyryşyny şol ilatly ýeri boýunça birleşdirilen kärhana (edara) tarapyndan jemlenen bir hasabat düzýär.

Eger suw geçiriji hojalygy öz hasabynda duran suw geçiriji kärhana (edara) birnäçe ilatly ýeri suw bilen üpjün edýän bolsa, onda ol her bir ilatly ýer boýunça aýratyn hasabat düzýär we olary öz ýerleşýän ýeri boýunça hasabat edarasyna tabşyrýar.

Eger suw geçiriji kärhana (edara) şäher we oba ýerlerini suw bilen üpjün edýän bolsa, onda maglumatlar aýratynlykda berilýär: 2-nji sütünde şäher we şäherçeler boýunça, 3-nji sütünde oba ýerleri boýunça maglumatlar görkezilýär.

Suw geçirijileri ýa-da aýratyn suw geçiriji ulgamlary bir pudak edaralaryndan beýleki pudak edaralaryna geçirilse, onda olaryň geçirilmezden öň we täze ulgamynda hakyky işlenen wagty boýunça aýratyn hasabat düzülýär. Şunuň ýaly ýagdaýlarda, hasabata düşündiriş haty goşulýar, şonda haýsy pudak dolandyryş edarasyndan kabul edilip alnandygyny ýa-da haýsyna berlendigini görkezmek zerurdyr.

Maglumatlar formada görkezilen ölçeg birliklerinde görkezilýär.

01,02 we 22 setirleriniň görkezijileri bütin sanlarynda, galanlary – oturdan soň bir onluk belgi bilen görkezilýär. 01 we 02 setirlerdäki görkezijileriň hasaplanylşy hasabat çägýegiň soňundaky maglumatlar boýunça, galanlary – ýylyň başyndan artýan jem bilen hasabat çärýegindäki maglumatlary boýunça amala aşyrylýar.

**01-nji setirde** suw geçirijileriň sany, **02-nji setirde** bolsa hasabat berýän kärhananyň (edaranyň) hasabynda durýan aýratyn suw geçiriji ulgamlaryň sany görkezilýär.

**03-nji setirde** ulgama goýberilen suwuň möçberi görkezilýär. 03-nji setirden çeşmeleri boýunça berlen suwuň möçberleri setirleýin aýratynlykda, şol sanda görkezilýär:

- özündäki suw sorujylar arkaly – **04-nji setir**,
- öz akymy bilen – **05-nji setir**,
- başga tarapdan alnan – **06-njy setir** .

04-nji, 05-nji we 06-njy setirlerdäki görkezijileriň jemi 03-nji setre deňdir .

**07-nji setirde** arassalaýjy desgalardan geçirilen suwuň möçberi görkezilýär. Şondan kadaly arassalanan agyz suwuň möçberi - 07.1 setirde aýratyn görkezilýär.

**08-nji setirde** ähli sarp edijilere goýberilen suwuň umumy möçberi görkezilýär, ol bolsa, öz gezeginde aşakdakylara bölünilýär:

1) öz sarp edijilerine (abonentlere) goýberilen suwa - **09-njy setir**,

2) gaýry sarp edijilerine (suw geçirijilere ýa-da aýratyn suw geçiriji ulgamlara - **13-nji setir**.

09-njy we 13-nji setirleriň jemi 08-nji setiriň maglumatyna deň gelmeli.

09-njy setirdäki öz sarp edijilerine (abonentlere) ähli goýberilen suwuň möçberi jemlenilýär, şolardan aýratyn 09.1 –nji setirde edaranyň (kärhananyň) hususy zerurlyklaryna goýberilen suwa, 10-12-nji setirlerde bolsa aşakdaky ulanyjylaryň toparlaryna bölünip görkezilýär:

- ýaşaýyş jaýlarda ýaşaýan ilata – **10-njy setir**;
- býujetden maliýeşdirilýän edaralara – **11-nji setir**;
- beýleki edaralara (kärhanalara) – **12-nji setir**.

09.1-nji, 10-njy, 11-nji we 12-nji setirlerdäki görkezijileriň jemi 09-njy setre deň bolmalydyr.

**14-nji setirde** suwuň ýitgileri we göz öňünde tutulmadyk harçlanmasy görkezilýärler, olar bolsa, öz gezeginde, ulgama goýberilen suwuň möçberi (03 setir) bilen ähli sarp edijilere goýberilen suwuň umumy möçberiniň (08 setir) arasyndaky tapawuta deňdir.

**15-njy setirde** bellenilen tertipde dürli sarp edijileriň toparlary üçin tassyklanylan nyrhnamalara laýyklykda suw üpjünçilik hyzmatlary boýunça umumy girdejiler görkezilýär.

Umumy girdejiler (15-nji setir) aşakdaky gelen girdejilerden ybaratdyr:

1) öz sarp edijilerden (abonentlerden)- **16-njy setir**,

2) gaýry sarp edijilerden (suw geçirijilerden, aýratyn suw geçiriji ulgamlardan) - **20-nji setir**.

20-nji setirde bellenilen tertipde bu sarp edijileriň topary üçin tassyklanylan nyrhnamalara laýyklykda gelen girdejiler görkezilýär.

16-njy we 20-nji setirleriň jemi 15-nji setiriň maglumatlaryna deň gelmelidir.

Işleriň beýleki görnüşleri boýunça gelen goşmaça hyzmatlarynyň başga girdejileri bu görkezijide görkezilmeýär.

16-njy setirdäki öz sarp edijilerinden (abonentlerden) suw üpjünçilik hyzmatlary boýunça gelen girdejileriň möçberi aşakdakylara bölünilýärler:

- ýaşaýyş jaýlarda ýaşaýan ilatdan – **17-nji setir**;
- býujetden maliýeşdirilýän edaralardan– **18-nji setir**. Bellenilen tertipde bu sarp edijileriň topary üçin tassyklanylan nyrhnamalara laýyklykda gelen girdejiler 18-nji setirde görkezilýär;
- beýleki edaralardan (kärhanalardan) – **19-njy setir**. Bellenilen tertipde bu sarp edijileriň topary üçin tassyklanylan nyrhnamalara laýyklykda gelen girdejiler 19-njy setirde görkezilýär.

**21-nji setirde** suw üpjünçilik boýunça umumy önümçilik çykdajylary görkezilýärler.

**22-nji setirde** ähli esasy işde işleýänleriň (utgaşdyryjylary hasaba almazdan) ortaça aýlyk sany görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**